TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
— ÝAŞLAR DÖWLETIMIZIŇ KUWWATLY GÜÝJÜDIR, HALKYMYZYŇ BELENT MAKSATLARA ÝUGRULAN NURANA GELJEGIDIR. ÝAŞLAR TÜRKMEN HALKYNYŇ DÖWLETLILIK ÝOL-ÝÖRELGESINIŇ MIZEMEZ MERTEBESIDIR, BAKY DOWAMATYDYR.

# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 8 sahypa | 2026 | Awgust | #7/52

## BILIM IŞGÄRLERI ÜÇIN NUSGALYK SAPAK

*Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyz bedew bady bilen öňe barýar. Ata Watanymyzy döwrüň talabyna laýyk ösdürmekde bolsa beýleki ugurlar bilen bir hatarda ýurdumyzyň bilim ulgamyna aýratyn ornuň degişlidigi hemmelere mälim. Şonuň üçin hem ýurdumyzyň bilim edaralarynda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar.*

Muny 2026-njy — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylan ýylda giň gerimde bellenip geçilen Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli täze bilim ojaklarynyň açylyş dabaralary, şeýle-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçiren okuw sapagy bütin aýdyňlygy bilen açyp görkezdi. Şeýle sapaklar Gahryman Arkadagymyz tarapyndan mundan öňem 2021-nji hem-de 2023-nji ýyllaryň 1-nji sentýabrynda ýokary derejede geçirilipdi.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 2-nji sentýabrynda Gahryman Arkadagymyzyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçiren okuw sapagynyň biziň ählimiz üçin nusgalyk sapak bolandygyny turuwbaşdan nygtamak isleýäris.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň bu okuw sapagynyň birinji ýarymynda ata Watanymyza bolan söýgini has-da dabaralandyrmak maksady bilen, geçmişde parasatly pederlerimiziň, şol sanda beýik Magtymguly Pyragynyň watançylyga ýugrulan garaýyşlaryny mysal getirmegi XXI asyryň üýtgeşik taryhy şertlerinde ata Watanymyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmek babatda amala aşyrmaly işlerimizi anyk kesgitlemäge esas bolup hyzmat etjekdigi şübhesizdir.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň ilkinji gününden şu ýörelgeden ugur alyp ýola goýlan iňňän öňdengörüjilikli, parasatly, ynsanperwer syýasatyň dünýä jemgyýetçiliginiň hemmetaraplaýyn goldawyna eýe bolmagy halkymyza uly rowaçlyklary getirdi. Muny bolsa dünýäniň iň kuwwatly hem-de abraýly halkara bileleşigi bolan Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan berkarar döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň üç gezek ykrar edilmegi aýdyň subut edýär. Türkmenistan döwletiniň



Bitaraplyk ýörelgesi diňe bir öz halkymyzyň däl, eýsem, dünýäniň ähli halklarynyň parahat, asuda, abadan, howpsuz hem-de eşretli durmuşda ýaşamagyna gönükdirilendir.

Gahryman Arkadagymyzyň umumy okuw sapagynda belleýşi ýaly, häzirki wagtda döwletimiziň dünýäniň 161 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýandygy, 100-den gowrak döwlet bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryň giň gerimde alnyp barylýandygy, dünýäniň iri abraýly halkara guramalarynyň 55-isiniň agzasy bolmak bilen, olaryň işine işjeň gatnaşýandygy barada aýdanlary Berkarar döwletimiziň dünýä syýasatynda tutýan ornuna aýdyň göz ýetirmäge giň mümkinçilikleri döredýär.

Dünýä derejesinde şunuň ýaly belent mertebä eýe bolmak bilen bir hatarda, ýurdumyzda amala aşyrylýan düýpli özgertmeleriň halkymyzyň durmuş-ýaşaýşyny gowulandyrmaga esas bolýandygy halkymyzyň göwnüni galkyndyrýar. Şu babatda alnanda, Berkarar döwletimiziň dünýäniň kuwwatly energetika döwletleriniň biri hökmünde energiýa serişdeleriniň ähli halklar üçin elýeterli bolmagyny üpjün etmek maksady bilen, durmuşa geçirilýän işleriň, şeýle-de, dürli ýurtlaryň döwrebap hem-de sazlaşykly ösmegine esas boljakdygy şübhesizdir. Bu babatda biziň ýurdumyzda yzygiderli geçirilýän halkara forumlaryň, maslahatlaryň, festiwallaryň ägirt uly ähmiýeti bardyr. Şu nukdaýnazardan 2016-njy ýylyň 26-27-nji noýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň I Ählumumy ulag forumynyň, şeýle-de, geçen 2025-nji ýylyň 5 — 8-nji awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň III maslahatynyň geçirilmeginiň ägirt uly ähmiýeti boldy. Şunuň bilen baglylykda Birleşen Milletler Guramasynyň her ýylyň 26-njy noýabryny «Bütindünýä durnukly ulag güni» diýip yglan etmegi, şeýle-de, Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň III maslahatynyň jemleri boýunça kabul edilen Awaza syýasy Jarnamasynyň hem-de Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleri durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça 2024 — 2034-nji ýyllar üçin hereketleriň Awaza Maksatnamasynyň iňňän ähmiýetli bolandygy bellärliklidir.

Gahryman Arkadagymyzyň umumy okuw sapagynyň barşynda bu aýdylanlaryň ählisi biziň Berkarar döwletimiziň hem-de merdana halkymyzyň dünýä ösüşine mynasyp goşant goşýandygynyň aýdyň subutnamasy boldy diýsek ýalňyşmarys.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň umumy okuw sapagynyň ikinji ýarymynda geljekde biziň Berkarar döwletimiziň ykbalyny kesgitlejek ösüp gelýän ýaş nesilleriň dünýä ülňülerine laýyk gelýän ylymly-bilimli, ýokary medeniýetli, giň dünýägaraýyşly, watansöýüji, zähmetsöýer adamlar bolmalydygy barada aýdanlary umumy okuw sapagyna gatnaşanlaryň göwnüni galkyndyran buýsançly waka boldy. Gahryman Arkadagymyzyň çykyşynda geçmişde bolan nusgawy edebiýatymyzyň görnükli wekilleriniň, şeýle-de, häzirki zaman ýazyjy-şahyrlarymyzyň atlarynyň getirilmegi ýaşlarda çuňňur watançylyk we ynsanperwerlik duýgularyny ösdürmekde aýratyn ähmiýete eýe boldy.

Şu babatda Gahryman Arkadagymyzyň öňde goýan möhüm wezipelerini amala aşyrmak üçin iňňän amatly şertleriň döredilýändigini ýurdumyzda bellenilmegi däbe öwrülen Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli ata Watanymyz üçin ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamakda aýratyn orun eýeleýän Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň hem-de Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumynyň açylmagynda, olaryň dünýäniň iň öňdebaryjy önüm öndürijileri tarapyndan döredilen enjamlar bilen üpjün edilendiginde, talyplaryň gowy okamagy, professor-mugallymlaryň talabalaýyk bilim-terbiýe bermekleri üçin ähli amatly şertleriň döredilendiginde aýdyň görýäris.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, bilim ulgamynyň işgärleriniň öňünde duran iň esasy wezipe ösüp gelýän ýaşlaryň kalbynda ata Watana, ene topraga, ýaşuly nesliň wekillerine, tutuş adamzada bolan söýgini mäkäm ornaşdyrmakdan ybarat. Şu babatda Gahryman Arkadagymyzyň bu umumy okuw sapagynyň barşynda aýdan: «Türkmen ýaşlary öz päk kalplarynda elmydama mähriban Watanyna, il-gününe bolan söýgini saklamalydyrlar. Söýgi — bu seniň Beýik Biribara, mähriban Watanyňa bolan beýik duýgyňdyr. Söýgi — bu seniň mähriban halkyň geçmişine, şu günki bagtyýar durmuşyňa hem-de beýik geljegiňe bolan beýik buýsanjyňdyr», «Türkmen topragyny söýüň!», «Türkmeniň milli mirasyny söýüň!», «Sporty söýüň!» diýen ganatly sözleri umumy okuwa gatnaşanlaryň kalplaryna uly joşgun berdi. Şeýle-de, bu babatda diliň möhüm ornunyň bardygy barada Gahryman Arkadagymyzyň aýdan pikiriniň aňyrsynda çuňňur filosofiýa bar diýsek ýalňyşmarys. Çünki dil halklary ýakynlaşdyrýar, dostlaşdyrýar, doganlaşdyrýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň bu we beýleki öňe süren pähimli pikirleriniň biziň ählimiz üçin durmuş ýörelgesi bolup hyzmat etjekdigi gümansyzdyr. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň ähli öwüt-ündewleri biziň üçin berk berjaý edilmeli durmuş kadasydyr. Biz bu öwüt-ündewlere elmydama wepaly bolup, yhlas-başarnygymyzy, gujur-gaýratymyzy gaýgyrman zähmet çekeris.

**Atajan BURYNOW,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň müdiri, professor, Türkmenistanyň «Hormatly il ýaşulusy», Türkmenistanyň halk mugallymy, Türkmenistanyň at gazanan žurnalisti, Türkmenistanyň «Halk magaryfynyň otličnigi».**

# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçen umumy okuw sapagyndaky ÇYKYŞY

**(Arkadag şäheri, 2026-njy ýylyň 2-nji sentýabry)**

***Eziz watandaşlar!***
***Hormatly mugallymlar, talyp ýaşlar!***
***Gadyrly okuwçylar!***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Diýarymyzda Bilimler we talyp ýaşlar güni giňden bellenilip geçilýär. Sizi «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Bilimler we talyp ýaşlar güni hem-de täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýaryn. Size berk jan saglyk, ata Watanymyzyň ösüşine mynasyp goşant goşmakda uly üstünlikleri tüýs ýürekden arzuw edýärin.

***Hormatly okuw sapagyna gatnaşyjylar!***

Şu gün siziň bilen örän möhüm, esasy garaýyşlarymy paýlaşmak isleýärin. Olar şahsyýeti kemala getirmek, ýaş nesliň durmuşdaky ornuny we ahlak gözýetimini kesgitlemek bilen bagly düşünjelerdir. Men bu gün Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň gazanan üstünlikleri, häzirki zaman dünýäsinde berkarar döwletimiziň orny we wezipesi, öňümizde duran maksatlar hem-de wezipeler barada durup geçmek isleýärin.

Ýurdumyzyň ýaş raýatlary bolan siz häzire çenli amala aşyrylan işleri berkitmelisiňiz. Garaşsyz döwletimiziň mynasyp geljegi üçin giň gerimli maksatnamalary durmuşa geçirmelisiňiz. Siziň bu belent wezipäni mynasyp amala aşyrjakdygyňyza ynanýarys.

***Hormatly mugallymlar, talyp ýaşlar!***
***Gadyrly okuwçylar!***

Men öz çykyşymy esasy zatdan — watançylyk düşünjesinden başlamak isleýärin. Islendik adamyň Watana söýgüsi adaty, sagdyn duýgudyr. Ýaş adam üçin bolsa bu aýratyn many-mazmuna eýedir. Sebäbi hut şol ýyllar onda Watana bolan söýgi, ýurduna bolan buýsanç duýgusy kemala gelýär. Watana wepaly, mynasyp hyzmat etmelidigine akyl ýetirýär.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň watansöýüjilik, agzybirlik hakyndaky arzuwlary bu günki bagtyýar döwrümizde hasyl boldy. Munuň özi şahyryň «Türkmeniň» atly goşgusynda öz aýdyň beýanyny tapýar:

*Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,*
*Göteriler ol ykbaly türkmeniň.*

Bu setirlerde ägirt uly many bar, ata Watanymyzyň beýik geljegine ynam bar.

***Gadyrly ýaşlar!***

Biziň döwletimiziň iň täze taryhy dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen Garaşsyzlygymyzdan başlanýar. 35 ýylyň dowamynda ýurdumyzyň demokratik, hukuk we dünýewi döwlet gurluşy düýpli berkidildi. Ýakyn wagtdan bolsa biz ata Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk şanly baýramyny belläp geçeris. Bu beýik sene berkarar döwletimiziň durmuşynda tutuş bir döwürdir. Biziň bolsa buýsanara-guwanara zadymyz örän köp.

Häzirki döwürde Türkmenistan kuwwatly, durnukly we ýokary depginler bilen ösýän ýurt hökmünde giňden tanalýar. Hormatly Prezidentimiz Watanymyzy ösüşiň ýoly bilen ynamly öňe alyp barýar. Garaşsyzlygymyzyň we Bitaraplygymyzyň binýady has-da berkidilip, ýurdumyzyň halkara abraýy yzygiderli ýokarlanýar. «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygarymyzdan ugur alyp, gazanylýan ajaýyp üstünlikler, amala aşyrylýan toplumlaýyn işler şu günümiziň hem-de geljegimiziň beýikdigini ykrar edýär.

***Gadyrly ýaşlar!***

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy merdana halkymyzyň aýratyn taryhy ykbalydyr, uly buýsanjydyr, üstünligidir. Garaşsyz ýurdumyzyň Bitaraplygy 1995-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy bolan dünýä döwletleriniň ählisi tarapyndan ykrar edildi hem-de goldanyldy. Munuň özi halkara gatnaşyklarda ilkinji we ýeke-täk mysaldyr. Şeýle hem men ýaňy Bitaraplygymyzyň türkmen halkynyň taryhy ykbalydygyny aýtdym. Munuň özi ýönelige däldir. Sebäbi Bitaraplyk halkymyzyň bütin taryhy ýoly bilen kesgitlendi, ata-babalarymyz tarapyndan bize wesýet edildi. Muny akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy wasp edip gidipdir. Ol diňe şahyr we akyldar bolman, eýsem, köp ýurtlara aýlanyp gören ajaýyp diplomat hem bolupdyr. Bu beýik ynsan türkmenler üçin esasy zadyň parahatçylyk, hoşniýetli goňşuçylyk we ähli halklar bilen dostlukly gatnaşyk etmek bolup durýandygyna düşünipdir. Biziň Bitaraplygymyzyň düýp manysy hem şunda jemlenendir.



Türkmenistan üçin Bitaraplyk parahatçylygyň, içerki durnuklylygyň, halkymyzyň jebisliginiň we agzybirliginiň kepilidir. Türkmen Bitaraplygynyň netijeli häsiýeti dünýäde giňden goldanylýar hem-de ykrar edilýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýyldan başlap, Türkmenistanyň Bitaraplygyny üç gezek goldap, Kararnama kabul etmegi hem muny tassyklaýar. Munuň ähmiýeti bolsa häzirki döwürde aýratyn ýokarydyr.

Hemişelik Bitarap Türkmenistan öz oňyn başlangyçlary, anyk teklipleri hem-de taglymatlary netijesinde, halkara parahatçylygy we durnuklylygy, hormatlamak dialogyny öňe sürýän döwlet hökmünde çykyş edýär. Soňky ýigrimi ýylyň dowamynda Birleşen Milletler Guramasynyň kabul eden örän möhüm ençeme çözgütleri hem muny tassyklaýar. Mysal üçin, 2007-nji ýylda Türkmenistanda dünýä tejribesinde ilkinji gezek ýöriteleşdirilen düzüm — Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi döredildi. Munuň özi Bitarap Türkmenistanyň alyp barýan syýasatynyň gönüden-göni netijesidir. Nesip bolsa, geljek ýyl biz Birleşen Milletler Guramasyna ähli agza döwletler bilen bilelikde bu sebit merkeziniň döredilmeginiň 20 ýyllygyny belläp geçeris.

Dünýä işlerinde ynanyşmak kadalaryny we hormat goýmak dialogynyň medeniýetini ykrar etmek boýunça Türkmenistanyň başlangyjy hem biragyzdan goldanyldy. Mundan birnäçe ýyl ozal ýurdumyzyň öňe süren «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly ählumumy başlangyjy hem dünýä syýasatynda bäsleşmek we gapma-garşylyk däl-de, dialog, mümkinçilikler, özara düşünişmek, ylalaşmak, netijeli çözgütleri gözlemek ýaly täzeçe oýlanmagyň badalga nokadyna öwrüldi. 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda Türkmenistanyň başlangyjy bütin dünýäde uly hormata mynasyp boldy. Bu waka hem-de Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan forum dünýä möçberindäki çärä öwrüldi. Birleşen Milletler Guramasynda düzümine onlarça ýurtlar girýän Bitaraplygyň dostlary toparynyň döredilmegi hem ýurdumyzyň gazanan üstünligidir.

Biziň ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynda Araçyllyk palatasyny döretmek baradaky başlangyjy, şeýle hem bitarap we bileleşiklere goşulmaýan döwletlere bu guramanyň parahatçylygy dörediji tagallalarynda ileri tutulýan hyzmatdaşlar hukuk ýagdaýyny bermek hakyndaky teklibi-de hyzmatdaş döwletleriň arasynda uly gyzyklanma döredýär. Bularyň ählisi Bitaraplygyň uly mümkinçiliginiň bardygyny görkezýär. Meniň pikirimçe, onuň sebäpleri aýdyňdyr.

Bitaraplyk, ozaly bilen, öz tebigaty, dünýä garaýşy boýunça ähli döwletleriň we halklaryň hukuklaryny hem-de kanuny bähbitlerini hormatlamaga esaslanýan dialoga we parahatçylyga daýanýar. Hut şu garaýyşlar häzirki döwürde uzak möhletli parahatçylygy, durnuklylygy hem-de ösüşi üpjün edip biler diýip pikir edýärin.

Bitaraplygyň mümkinçilikleri uludyr. Men onuň diňe käbirini sanap geçdim. Türkmenistan bitaraplygyň nazaryýetini hem-de amalyýetini baýlaşdyrmagyň, syýasy we ylmy binýadyny döretmegiň üstünde işlemegini dowam edýär.

Bitaraplyga ýöriteleşen halkara hünärmenleri taýýarlamak bu işiň örän möhüm tarapy bolup durýar. Halkara gatnaşyklary institutynda döredilen Parahatçylyk we bitaraplyk kafedrasy geljekde öz işini has-da güýçlendirer, düýpli ylmy-barlag işlerini alyp barar. Institutda parahatçylygyň, bitaraplygyň we öňüni alyş diplomatiýasynyň akademiki merkezini döretmek üçin genesmeler geçiriler. Şeýlelikde, ahyrky netije Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlykda Parahatçylyk we bitaraplyk uniwersitetini döretmek bolup durýar. Ýaş talyplar, siziň bu ýerde işlemegiňiz üçin uly mümkinçilikler açylýar, sebäbi bitaraplyk diňe bir syýasat däldir! Halkara hyzmatdaşlygyň nusgasy hökmünde bitaraplyk ykdysadyýeti, ylym-bilimi, tehnologiýalary, medeniýeti, sporty, maglumat we kommunikasiýany hem-de ençeme beýleki ugurlary öz içine alýar.

***Hormatly adamlar!***

Men daşary syýasat ugrumyz, parahatçylyk we dialog medeniýeti barada aýdyp geçdim. Şu ýerde halkymyzyň medeni we ruhy mirasynyň egsilmezdigini aýtmak gerek. Häzirki döwürde Türkmenistan diňe bir içerki döwlet işlerinde däl, eýsem, daşary syýasatda hem Azadynyň, Andalybyň, Magtymgulynyň, Zeliliniň, beýleki görnükli akyldarlarymyzyň pähim-paýhasyndan ugur alyp, olaryň ynsanperwer taglymatlaryny durmuşa geçirmegi dowam edýär. Şu ýerde bir mysal getirmegi makul bilýärin. Ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy 33 sany Kararnamany kabul etdi. Olaryň köpüsi dünýäde adamlaryň ýaşaýyş-durmuşyny gowulandyrmaga, howpsuzlygyny, saglygyny üpjün etmäge, kanuny hukuklaryny we bähbitlerini goramaga gönükdirilendir. Bu ýerde ileri tutulýan ugur halkara gatnaşyklary ynsanperwerlige itermek bolup durýar. Eýsem, munuň özi nämäni aňladýar? Ilki bilen, her döwletiň geosyýasy we ykdysady maksatlaryny durmuşa geçirmegi Durnukly ösüş maksatlary bilen utgaşykly bolmalydyr. Şunuň bilen baglylykda, biziň ýurdumyz köp ýyllaryň dowamynda azyk we energetika howpsuzlygyny hem-de durnuklylygyny üpjün etmäge gönükdirilen ugry yzygiderli alyp barýar. Daşky gurşawy goramagy, ähli halklaryň we döwletleriň serişdeleriň deň hem-de adalatly paýlanmagyna bolan kanuny hukuklarynyň berjaý edilmegini öňe sürüp gelýär.

Türkmenistan Rio+20, Tegu şäherinde geçirilen Bütindünýä suw forumy, Dubaýda geçirilen COP28 ýaly örän iri dünýä çärelerinde birnäçe maksatnamalaýyn başlangyçlar bilen çykyş etdi. Bu başlangyçlaryň many-mazmuny adamy, onuň ömrüni, saglygyny, howpsuzlygyny dünýä syýasatynyň baş gymmatlygyna öwürmäge halkara bileleşigi çagyrmakdan ybaratdyr.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2023-nji ýylyň sentýabryndaky 78-nji sessiýasynda hormatly Prezidentimiz Hazar ekologiýa başlangyjyny öňe sürdi. Şu ýylyň aprelinde Wenada geçirilen energetika forumynda bolsa biziň ýurdumyz energetika giňişligini syýasylaşdyrmakdan doly we kepillendirilen ýagdaýda el çekmäge çagyrdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda energetika ulgamynda syýasylaşdyrmak gatnaşyklaryndan ýüz öwürmegi anyk beýan edýän «Energetika kodeksini» işläp taýýarlamak barada pikirlenmegi teklip edýär.

Türkmenistan energiýa serişdelerine erkin, durnukly we deň elýeterliligi üpjün etmäge çagyrýar. Munuň özi islendik halkyň we döwletiň tebigy hem-de kanuny hukugydyr. Adam hemme zadyň esasydyr. Şu düşünjede halkara gatnaşyklary ynsanperwerleşdirmek garaýşy jemlenýär. Türkmenistan kynçylykly ýagdaýlara düşen halklara ynsanperwer kömegi bermek bilen, şeýle syýasaty alyp barmakda görelde görkezýär.

Türkmenistan howply wirusly ýokançlara garşy göreşde hem ylmy-lukmançylyk diplomatiýasyny ýola goýmagy öňe sürýär we bu ugurda anyk meýilnamalary, maksatnamalary teklip edýär. Bosgunlary, migrantlary we raýatlygy bolmadyk adamlary goramakda tagallalary birleşdirmek boýunça yzygiderli işi alyp barýar. Biziň ýurdumyz adamyň we halklaryň arassa suwa elýeterliligi hem-de suw serişdeleriniň adalatly paýlanmagy babatda tebigy hukugy hakynda başlangyjy öňe sürdi. Türkmenistan gowşak goralan sebitlere, hususan-da, deňze çykalgasy bolmadyk ösýän ýurtlara goldaw berýär. Türkmenistan bu ugurda iş ýüzünde netijeli tagallalary amala aşyrýar.

2025-nji ýylyň awgust aýynda ýurdumyzda örän möhüm, bütindünýä ähmiýetli waka bolup geçdi. Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty geçirildi. Maslahatda kabul edilen Awaza syýasy Jarnamasy we Hereketleriň Awaza maksatnamasy Birleşen Milletler Guramasynyň resmi resminamalarynyň derejesine eýe boldy. Olarda esas goýujy kadalar we usullar beýan edildi. Olary 44 döwletde ýaşaýan ýüzlerçe million adamyň kanuny hukuklaryny we zerurlyklaryny üpjün etmek üçin durmuşa geçirmek möhümdir.

Türkmenistan özüniň örän baý energetika serişdelerini energiýa akymlaryny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek arkaly beýleki halklaryň hyzmatyna ulanmaga taýýardygyny yglan etdi. Bu, hakykatdan-da, öňdengörüjilikli hem-de ýokary derejede jogapkärçilikli syýasat.

Adamzada söýgi, ýokary ahlak we adalat däpleri biziň halkymyzyň kalbynda hemişe ýaşap gelýär. 2024-nji ýylyň oktýabr aýynda Aşgabatda beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp maslahat geçirildi. Şol maslahata gatnaşan ýokary derejeli myhmanlar Türkmenistanyň Magtymguly Pyragynyň mirasdüşeri we işlerini dowam etdiriji hökmünde ýokary ynsanperwerlik kadalaryna eýerýändigi barada aýtdylar.

Türkmen ýazyjy-şahyrlary şöhratly ata-babalarymyzyň ynsanperwerlik baradaky beýik taglymatlaryny dowam etdirýärler. Mähriban halkymyz Berdi Kerbabaýewe, Kerim Gurbannepesowa, Gurbannazar Ezizowa, Osman Ödäýewe, Gözel Şagulyýewa örän uly sarpa goýýar. Nury Halmämmedow, Çary Nurymow, Weli Muhadow ýaly meşhur kompozitorlar eziz Watanymyzyň at-abraýyny has-da belende göterdiler. Bu hem biziň adamzada ýollan çagyryşymyzdyr. Türkmenistanyň alyp barýan beýik ynsanperwer işiniň bir bölegidir. Häzirki döwürde biz halypa diplomatlarymyzyň, Türkmenistanyň Gahrymanlary

(Dowamy 3-nji sahypada).

# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçen umumy okuw sapagyndaky ÇYKYŞY

**(Arkadag şäheri, 2026-njy ýylyň 2-nji sentýabry)**

(Başlangyjy 2-nji sahypada).

Aksoltan Ataýewanyň we Çynar Rustemowanyň bitiren hyzmatlaryna ýokary baha berýäris.

***Hormatly okuw sapagyna gatnaşyjylar!***

Parahatçylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, birek-birege hormat goýmak ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy we möhüm ugurlarydyr. Olar biziň içki ösüşimiz, ýurdumyzyň dünýä ykdysady işine üstünlikli goşulmagy üçin amatly şertleri döretmegiň örän möhüm ugurlarynyň birine öwrüldi. Bu strategiýa «Açyk gapylar daşary ykdysady syýasaty» diýen ada eýe boldy.

Ulag ulgamy hyzmatdaşlygyň möhüm, strategik ugrudyr. Türkmenistan Merkezi Aziýanyň we Hazar sebitiniň bir bölegi bolmak bilen, Ýakyn Gündogar bilen araçäkleşýär. Ýurdumyzyň Günorta Aziýa hem göni çykalgasy bar. Türkmenistan Ýewraziýa ýollarynyň strategik çatrygynda ýerleşmek bilen, öz geografik ýerleşişiniň bähbitli taraplaryny sebitleriň we yklymlaryň, Aziýanyň hem-de Ýewropanyň ykdysady taýdan ýakynlaşmagynyň hyzmatynda ulanmaga taýýardyr. Bu diňe bir ykdysady wezipe bolup durmaýar. Ol bilelikde gülläp ösmegiň bähbidine hyzmatdaşlyk, özara düşünişmek, ynanyşmak köprülerini gurmak boýunça örän möhüm medeni wezipedir.

Türkmenistan tarapyndan öňe sürlen «Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek» konsepsiýasy örän uly goşulyşmak taslamasynyň özenini düzýär. Bu Konsepsiýanyň taslamasynyň çäklerinde üstaşyr-ulag geçelgelerini döretmek, esasy ulag-logistika merkezlerini emele getirmek arkaly hyzmatdaşlygyň ugurlaryny görýäris. Munuň üçin häzirki zaman milli üpjünçilik ulgamlaryny döretmek zerurdyr. Türkmenistan ulag üpjünçilik ulgamlaryny döwrebap ýagdaýa getirmek we täzelerini gurmak boýunça netijeli işleri alyp barýar. Bu ugurda giň gerimli maksatnamalary durmuşa geçirýär.

Türkmenistanyň ulag kommunikasiýalary Uzak we Ýakyn Gündogar ugry boýunça eksport, import ýüklerini Merkezi we Günbatar Ýewropa ýurtlaryna üstaşyr geçirmek we eltmek üçin mümkinçilikleri döredýär. Hazarüsti halkara ulag gatnaw ugruny ösdürmegiň çäklerinde ýükleri, şol sanda konteýner ýüklerini daşamak üçin bäsdeşlige ukyply toplumlaýyn nyrh ölçeglerini emele getirmek boýunça demir we deňiz ýol ulgamlarynyň ýolbaşçylary bilen netijeli işler alnyp barylýar. Üstaşyr geçiriş mümkinçiliginiň esasy ýük akymlary Hazar deňziniň portlary arkaly Ýewropadan gaýdyp, Türkmenistanyň üsti bilen üstaşyr geçýän we Aziýa hem-de Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlaryna barýan we yzyna getirilýän ýükleri daşamalar bolup durýar.

Biziň ulag geçelgelerimiz diňe bir goňşy ýurtlar bilen netijeli birleşmäni üpjün etmek bilen çäklenmeýär. Olar bütindünýä logistikasynda möhüm orny eýeleýärler. Bu bolsa gönüden-göni Ýewraziýa yklymynda ykdysady ösüşe we halkara söwda gatnaşyklaryny berkitmäge oňyn täsir edýär.

Bulardan başga-da, Türkmenistanda Türkmenbaşy — Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň gurluşygyna girişildi. Şunuň bilen baglylykda, ulag gatnawlaryny sebit we halkara daşamalary bilen baglanyşykly ep-esli ösdürmek üçin mümkinçilikler açylýar. Türkmenistan durnukly ulag babatda ählumumy dialogy öňe sürýän ýurtlaryň biri bolup durýar. Biziň ýurdumyz bu ugurda köp ýyllaryň dowamynda netijeli işleri alyp barýar.

2016-njy ýylyň noýabr aýynda Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji ählumumy maslahaty geçirildi. Bu maslahat ulag meselesi we logistika baglanyşygy boýunça yzygiderli halkara gatnaşyklaryň başyny başlan örän möhüm waka öwrüldi. 2022-nji ýylda Türkmenistanda geçirilen Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ulag ministrleriniň halkara maslahaty hem möhüm ähmiýete eýe boldy.

Hazar ugry aýratyn ünsi talap edýär. Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakynda Konwensiýanyň kabul edilmegi bilen, Hazar deňzini Günorta-Gündogar Aziýadan Merkezi Aziýanyň üstünden yklymyň Günbatar bölegine üstaşyr geçýän esasy gatnaw ugurlarynyň biri hökmünde ulanmak üçin şertler döredildi. Şunuň bilen baglylykda, Hazaryň gündogar kenary örän möhüm ähmiýete eýe bolýar. Häzirki döwürde Türkmenistan Hazarda kuwwatly port üpjünçilik ulgamlaryna eýedir. Biziň ýurdumyz şol üpjünçilik ulgamlaryny günbatar ugurda Hazarüsti üstaşyr geçirmegi çaltlandyrmak we giňeltmek bähbidi bilen ulanmak boýunça tekliplere seretmäge taýýardyr.

Türkmenistan dünýä derejesinde ulag diplomatiýasynyň esasy merkezine öwrülýär. Diňe soňky ýyllarda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň başlangyjy esasynda ulag ulgamynda alty Kararnama kabul edildi. Şolaryň hatarynda 2024-nji ýylda kabul edilen «Bütindünýä durnukly ulag güni» atly Kararnamany görkezmek bolar. Türkmen tarapynyň başlangyjy bilen Baş Assambleýanyň 80-nji sessiýasynda «Birleşen Milletler Guramasynyň durnukly ulag boýunça on ýyllygy (2026 — 2035-nji ýyllar)» atly Kararnamanyň kabul edilmegi hem kanunalaýyk ýagdaýdyr. Biziň döwletimiz onýyllygyň maksatlaryny durmuşa geçirmäge gözegçilik etmek üçin toplumlaýyn seljeriş we maglumat guraly bolan Durnukly ulag baglanyşygynyň ählumumy atlasyny döretmek boýunça işleri dowam etdirer.

Öndürijiler, sarp edijiler we üstaşyr geçirijiler hökmünde yklymyň ýurtlarynyň bar bolan energetika mümkinçiliklerini açmak hyzmatdaşlygyň toplumlaýyn meýilnamalaryny üstünlikli durmuşa geçirmegiň örän möhüm şerti bolup durýar. Türkmenistanyň strategiýasy bu üç ugra gatnaşyjylaryň bähbitlerini doly hasaba almaga, gatnaw ugurlaryny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge we nebitgaz çig malyna, şeýle hem elektrik energiýasynyň çeşmelerine deňhukukly elýeterliligi üpjün etmäge esaslanandyr. Häzirki wagtda Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygy alnyp barylýar. Bu gaz geçirijisi onuň gurluşygy tamamlanandan soňra iki sub kontinentiň zerurlyklaryny onlarça ýyllaryň dowamynda üpjün etmäge ukyplydyr. Bu sub kontinentleriň ilaty häzirki wagtda 2 milliard adama golaýdyr. Olaryň ykdysadyýetleri çalt depginler bilen ösýär. Bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi diňe bir Owganystanda 12 müňden gowrak iş ornuny döretmäge mümkinçilik berer. Şeýle hem biziň ýurdumyz Türkmenistan — Owganystan — Pakistan taslamasynyň durmuşa geçirilmeginiň çäklerinde elektrik energiýasyny ibermegi artdyrmak üçin kuwwatlyklara eýedir.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň senagat ulgamynyň keşbi tanalmaz derejede özgerdi. Bütinleý täze pudaklar — dokma, himiýa, gurluşyk, elektrik energetika pudaklary döredildi.

Garaşsyz bilermenleriň berýän bahalaryna görä, Türkmenistanyň durmuş ulgamy dünýäde iň gowy ulgamlaryň biridir. Türkmenistanyň ykdysady we durmuş taýdan ösüşi köpugurly halkara hyzmatdaşlyk esasynda alnyp barylýar. Häzirki döwürde biziň ýurdumyz dünýäniň 100-den gowrak döwleti bilen söwda ulgamynda hyzmatdaşlyk edýär. Hususy işewürlik ugry, ilkinji nobatda bolsa, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň ugry boýunça hyzmatdaşlyk işjeň alnyp barylýar. Häzirki wagtda bu birleşmäniň bellige alnan agzalarynyň sany 30 müňe golaýdyr.

Daşary-ykdysady hyzmatdaşlygyň kabul edilen döwlet maksatnamalary we halkara strategiýalary esasynda alnyp barylýandygyny bellemek isleýärin. Olaryň esasysy «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» bolup durýar.

Türkmenistan maýa goýum ulgamynda örän iri, abraýly maliýe guramalary we institutlary — Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Aziýanyň ösüş banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky, Yslam ösüş banky bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Türkmenistanyň Bütindünýä Söwda Guramasyna agza bolmagyna degişli kadalar boýunça netijeli işleri alyp barýarys.

Türkmenistanyň halkara işiniň syýasy, ykdysady, ynsanperwer ulgamlardaky gün tertibi bäş yklymy öz içine alýar. Biz dünýäniň 161 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary saklaýarys. Dürli ugurlar boýunça halkara guramalaryň 55-siniň işine gatnaşýarys. Abraýly we jogapkärli döwlet hökmünde Türkmenistanyň sesi dünýä giňişliginde belentden ýaňlanýar.

***Gadyrly ýaşlar!***
***Talyplar we okuwçylar!***

Biziň buýsanjymyz we şöhratymyz bolan ahalteke bedewi türkmen halkynyň Garaşsyzlygynyň, özbaşdaklygynyň we milli mertebesiniň nyşanlarynyň biridir. Ahalteke bedewlerimiz ýurdumyzyň parahatçylyk söýüji daşary syýasatynda, medeni diplomatiýasynda uly orny eýeleýär. 2010-njy ýylda döredilen Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasy dürli döwletleriň atçylyk düzümleri bilen hünär hyzmatdaşlygynda uly abraýa eýe boldy.

Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň bütindünýä sanawyna girizildi. Bu halkara ykrarnama ahalteke atlarynyň dünýä medeniýetindäki we taryhyndaky aýratyn ornuny subut edýär. Ýurdumyzy dünýä tanatmakda, parahatçylyk dialogyny emele getirmekde halkara atçylyk sport bäsleşiklerine uly orun degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary dünýä derejesindäki ýaryşlarda yzygiderli üstünlik gazanyp, türkmen tuguny belentde parladýar.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilen 2026-njy ýylda hem ýurdumyzda hem-de dünýä döwletlerinde atçylyk we atly sport çäreleri ýokary derejede geçirilýär. Ahalteke bedewi türkmen ýaşlary üçin diňe bir milli buýsanç däl, eýsem, okgunly ösüşiň, kämilligiň we wepalylygyň belent nusgasy bolmalydyr.

***Hormatly okuw sapagyna gatnaşyjylar!***

Täze okuw ýylynyň başlanmagy siziň her biriňiziň durmuşyňyzda hemişe möhüm döwür bolup durýar. Aýratyn hem, bu ýokary okuw mekdebine ilkinji gezek gadam basýan ýaşlar üçin möhüm ähmiýete eýedir. Jogapkärçiligi, yhlasy, çynlakaý garaýşy talap edýän uly durmuş başlanýar. Bu ugurda size döwlet ýardam berer. Okamak, ruhy we medeni taýdan ösmek üçin ähli zerur şertleri üpjün eder.

Siz — Garaşsyzlyk şertlerinde ösüp ýetişen nesil. Türkmenistan size uly umyt baglaýar.

Häzir biz täze tehnologiýalaryň güýçli ösýän, emeli aňyň ähli ýerde ornaşdyrylýan şertlerinde ýaşaýarys. Bu şertler geljekki ösüşi kesgitleýär. Biziň maksadymyz — Türkmenistany senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna goşmakdyr.

Biz «akylly» şäherleri döretmek ugrunda iş alyp barýarys. Bize «Akylly jemgyýet» konsepsiýasynyň taslamasynyň üstünde işlemek zerur diýip hasap edýärin. Bu konsepsiýa toplumlaýyn bolmalydyr. Işiň ähli esasy ugurlaryny öz içine almalydyr. Şol taslama ýaşlary, talyplary işjeň çekmek zerurdyr. Olar täze garaýyşlary, teklipleri, täzeçil nusgalary batyrgaý girizmäge ukyplydyrlar.

Öňdebaryjy ylmy-tehniki sepgitlere çykmak üçin, Türkmenistan bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny dowam etdirer. Biz ýurdumyzy bilim, pikir alyşmak we startap döretmek merkezine, ýaşlary intellektual kooperasiýa üçin özüne çekýän bir mekana öwürmäge çalyşmaly.

Türkmenistanda dürli ugurlar boýunça halkara ylym-bilim ýaşlar klasterlerini döretmek üçin hukuk we guramaçylyk şertlerini emele getirmegiň üstünde işlemegi teklip edýärin. Goý, beýleki ýurtlaryň zehinli ýaşlary Türkmenistana gelsinler, türkmen ýaşlary bilen bilelikde öz döredijilik maksatlaryny durmuşa geçirsinler! Bu hemmeler üçin bähbitli bolar.

Biz Türkmenistanda türkmen jemgyýetiniň ýaşaýşynyň taryhy milli esaslaryny berkitmäge hemişe uly üns bereris. Şoňa görä-de, okuw sapagymyň indiki böleginde terbiýäni ösdürmek, türkmen halkynyň medeni-ruhy mirasyny, onuň däp-dessurlaryny gorap saklamak we baýlaşdyrmak baradaky garaýyşlarymy siz bilen paýlaşaryn.

***Hormatly mugallymlar!***
***Gadyrly talyp ýaşlar we okuwçylar!***

Ynsany kämillige we belent mertebä ýetirýän gymmatlyk, ilkinji nobatda, ylym we bilimdir. Şoňa görä-de, kämil bilim almak, okamak, döretmek, eziz Watanymyzyň şan-şöhratyny dünýä ýaýmak bagtyýar ýaşlarymyzyň mukaddes borjudyr. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly: «Ylymly ýaşlar döwletimiziň kuwwatly güýjüdir. Türkmen halkynyň döwletlilik ýolunyň mizemez mertebesidir, baky dowamatydyr».

Biz ylym-bilim ulgamynda toplan baý tejribämiz esasynda ajaýyp geljegimizi gurýarys. Watanyň, halkyň ykbaly ugrunda ýokary jogapkärçilik duýýan päk ahlakly, watansöýüji, bilimli, ylymly nesilleri terbiýeleýäris. Asylly däbe eýerip, her täze okuw ýylynyň başynda ýurdumyzda täze bilim edaralaryny açýarys, bilimler dünýäsine ilkinji gadamyny basýan okuwçylarymyza kompýuterleri sowgat berýäris. Ýurdumyzda döwrebap bilim ojaklary — ak şäherimiz Aşgabatda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň hem-de Lebap welaýatynyň merkezi Türkmenabat şäherinde Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalarynyň dabaraly açylyşy boldy. Şeýle hem orta mekdepler we çagalar baglary dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berildi. Täze bilim ojaklarynyň yzygiderli açylyp ulanmaga berilmegi döwletimiziň ykdysady we ruhy kuwwatynyň, geljege bolan uly ynamynyň aýdyň görkezijisidir.

Meniň size atalyk arzuwym: goý, bagtyýar okuwçylarymyzyň hem-de talyp ýaşlarymyzyň bilim we ylym ýollary hemişe aýdyň bolsun! Döwletimize uly abraý getirsin!

***Bagtyýar ýaşlar!***

Türkmen taryhy — bu iň gadymy siwilizasiýalary döreden, dünýä ýaň salan beýik döwletleri guran türkmen halkynyň buýsançly beýik geçmişi. Mukaddes topragymyzyň her bir daban ýeri ylmy-barlaglar we gazuw-agtaryş işleri üçin gymmatly çeşmedir.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan gadymy ekerançylyk we şäher medeniýetleriniň — Jeýtun, Änew, Marguş, Dehistan we Horezm-Ürgenç siwilizasiýalarynyň dörän Watanydyr.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — müňýyllyklaryň dowamynda dünýäniň syýasy, medeni-ruhy we ykdysady ösüşine ummasyz goşant goşup gelýän türkmen halkynyň ata Watany.

Eziz Watanyňy, il-günüňi söýmek üçin onuň şöhratly geçmişini giňden öwrenmeli. Türkmen halkynyň taryhynda bolsa guwanmaga, buýsanmaga şan-şöhratly sahypalar näçe diýseň bar.

Uzak ýyllaryň dowamynda dürli wezipe-kärlerde zähmet çekmek bilen, maňa eziz Watanymyzdaky gadymy taryhy ýerleri hem-de merkezleri öwrenmäge gelen tanymal arheologlardyr taryhçylaryň, dünýä belli ussat alym-halypalaryň hut özleri ýa-da olaryň nesil dowamaty bilen bilelikde işleşmek, tejribe alyşmak bagty miýesser etdi. Änew medeniýetini ilkinjileriň biri bolup dünýäde ykrar etdiren arheolog, taryhçy Rafael Pampelli,

(Dowamy 4-nji sahypada).

# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçen umumy okuw sapagyndaky

## ÇYKYŞY

**(Arkadag şäheri, 2026-njy ýylyň 2-nji sentýabry)**

**(Başlangyjy 2-3-nji sahypalarda).**

şeýle hem Wadim Masson, Wiktor Sarianidi ýaly ägirtleriň ýurdumyzda arheologiýa işlerine goşantlary uludyr. Olar türkmen halkynyň köp asyrlyk taryhyny, adamzat siwilizasiýasyna goşan mynasyp goşandyny dünýä ýaýmakda köp tagalla etdiler.

Men arheolog Wadim Masson bilen gadymy Änew topragynda, Paryzdepe ýadygärliginiň töwereklerinde geçirilen gazuw-agtaryş, ylmy-seljerme işleriniň alnyp barlyşyna gatnaşdym. Irginsiz zähmetiň netijesinde, täze we täsin tapyndylaryň üstünden baryldy. Soňra olar boýunça ylmy işler geçirildi. Rafael Pampelliniň çowlugy we beýleki arheolog-alymlar hem ýurdumyza gelip, ata-babalarynyň dünýä ähmiýetli açyş eden ýerlerine aýlanyp gördüler. Belli arheologlar Wiktor Sarianidi, Nadežda Dubowa ýaly alymlar Gadymy Marguşda, Merwde adamzat ähmiýetli taryhy-ylmy açyşlary etdiler. Bu açyşlary bilen olar dünýäde has-da meşhur boldular. Şeýle görnükli arheologlar bilen halkymyzyň, mukaddes topragymyzyň taryhyny öwrenmekde bilelikde birnäçe işleri amala aşyrdyk. Türkmen topragynyň abraýyny götermäge yhlas etseň, bu toprak seniň at-abraýyňy iki esse belende göterýär. Munuň şeýledigini türkmen topragyny öwrenmäge yhlas eden arheolog-alymlar hem gaýta-gaýta aýdardylar.

Ýaş nesiller halkymyzyň taryhy hem-de onuň ylmy esasda öwrenilişi barada hemişe habarly bolmalydyrlar.

***Eziz ýaşlar!***

Türkmenler dünýäniň iň gadymy halklarynyň biridir. Türkmen topragy dünýäniň ýedi ýolunyň çatrygydyr. Men bu barada öz kitaplarymda anyk deliller bilen beýan edýärin. Giň möçberli gazuw-barlag işleri netijesinde ýüze çykarylan tapyndylar gadymy Änew medeniýetini açyp görkezýär. Änew şäherinde binagärlik sungatynyň ajaýyp nusgasyna öwrülen Seýit Jemaleddiniň metjidi hem bina edilipdir. Hormatly Prezidentimiziň «Änew — müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitabynda gadymy Änewiň şöhratly taryhyna ýokary baha berilýär. Türki döwletleriň halkara guramasy bolan TÜRKSOÝ tarapyndan Änew şäheri 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edildi.

Bagtyýar ýaşlarymyzyň Watanymyzyň taryhyny giňden öwrenmek bilen uly sepgitlere ýetjekdiklerine berk ynanýaryn.

***Eziz ýaşlar!***

Ata-babalarymyzyň akyl-paýhasyndan dörän milli mirasymyz asyrlaryň synagyndan geçip, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Nakyllardyr atalar sözi, hüwdüler, tymsallar halkymyzyň baý taryhyndan habar berýär.

Dünýädäki her bir millet beýik şahsyýetleri arkaly tanalýar. Muhammet Horezmi, Abusagyt Abulhaýyr, Abu Nasr Faraby, Abu Reýhan Biruny, Ibn Sina, Mahmyt Kaşgarly, Mahmyt Zamahşary, Hoja Ahmet Ýasawy, Nejmeddin Kubra, Alyşir Nowaýy, Baýram han, Nurmuhammet Andalyp, Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy ýaly meşhur akyldarlarymyzyň mirasy, döreden eserleri dünýä nusgalyk gymmatlyklardyr. «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly», «Şasenem-Garyp», «Zöhre-Tahyr», «Saýatly-Hemra» ýaly eserlerimiz milletimiziň egsilmez ruhy baýlygydyr.

***Gadyrly ýaşlar!***

Watan, toprak — her millet üçin mukaddeslik. «Döwlet guşy» romanymda men: «Türkmen topragy — mertligiň, gaýduwsyzlygyň topragy. Türkmen topragy — rysgal-berekediň topragy. Bu toprakda beýik pederlerimiziň yhlasy, arzuwy, ömür menzilleri ýatyr» diýip ýazypdym.

Meniň size berjek atalyk nesihatym, ýaşlar, siziň öz Watanyňyzyň taryhyny, öz kökleriňizi bilmegiňiz gerek, oňa guwanmagyňyz, buýsanmagyňyz gerek. Siziň her biriňiziň baş şygaryňyz kämillik bolmalydyr. Ynsan hemişe kämillige ymtylmalydyr. Türkmen ýigidi we gyzy özünde milletimiziň iň ajaýyp, iň gözel, iň nätzik ahlak sypatlaryny jemlemelidirler.

Arassa ahlak ynsanyň kämilligi bilen ýüze çykýar. Ynsan kalbynda dostluk, doganlyk, ynsanperwerlik duýgularyny oýarýan halkymyzyň milli ahlak kadalaryna her birimiz guwanmaga, buýsanmaga doly haklydyrys.

***Mähriban ýaşlar!***

Türkmen halkynyň milli terbiýe mekdebiniň taryhy ýoly örän gadymy hem-de beýik bolupdyr. Jeýtun we Änew medeniýetleri, Marguş şalygy, Altyndepe we Horezm siwilizasiýalary döwründe ylmyň we bilimiň, medeniýetiň we sungatyň ilkinji kerpiçleri goýlupdyr.

Milli terbiýe mekdebi müňýyllyklaryň dowamynda has-da kämilleşipdir. Parfiýa imperiýasynda, Gaznalylar we Garahanlylar döwletlerinde, Beýik Seljuk imperiýasynda, Horezmşalar, Garagoýunlylar we Akgoýunlylar döwletlerinde, Hindistandaky soltanlyklarda milli terbiýe mekdebi babatynda örän baý tejribe toplanypdyr.

X asyrda Türkmenistanyň çäginde ilkinji bilim ojagy bolan medreseler peýda bolupdyr. Nusaý, Merw, Sarahs, Amul, Dehistan, Gürgenç, Abiwerd ýaly iri şäherlerde dürli ugurlarda bilim öwredýän medreseler bina edilipdir. Medreselerde ýalan sözlemezlige, ruhy päklige, adamkärçilige, myhmansöýerlige, halaly-haramy saýgarmaga birinji derejeli ähmiýet berlipdir.

***Mähriban ýaşlar!***

Iň gymmatly miras terbiýedir. Ynsanyň bagtyýarlygy diňe ýazgydyna däl-de, oňa siňdirilen terbiýä hem baglydyr.

«Çagaly öý — bazar», «Çaga — ömrüň dowamy» ýaly parasatly setirleri döreden türkmen halky ösüp gelýän ýaş nesillere aýawly garapdyrlar. Biz pederlerimiziň «Akylyň bahasy bolmaz, terbiýäniň — çägi» diýen pähiminden ugur alyp, nesil terbiýesine aýratyn üns berýäris. Nesillerimiziň bagtyýar ýaşamagy, hakyky watançy, ilhalar, päk ahlakly, merdana we halal adamlar bolup ýetişmekleri biziň baş maksadymyzdyr.

Häzirki XXI asyr tehnikanyň we tehnologiýanyň, sanly ulgamyň hem emeli aňyň yzygiderli ösýän asyrydyr. Häzirki ýaşlar sanly ulgamdan giňden peýdalanýarlar, emma her bir täzelik milli häsiýetimizden, türkmençilik däplerimizden üzňe bolmaly däldir. Islendik gyzyklanmanyň özüňi alyp baryş medeniýetiňe, dünýägaraýşyňa, ruhy ýagdaýyňa ýiti täsir edýändigi lukmançylyk ylmynda subut edilendir. Sanly ulgamyň çäksiz mümkinçiliklerini ýerlikli, öz akyl-paýhasyňy, başarnygyňy kämilleşdirmek üçin netijeli peýdalanmak ýaşlarymyzyň öňündäki jogapkärçilikdir.

Türkmençilikde perzendiň kitaba bolan söýgüsi maşgaladan başlanýar. Ýaşlar şöhratly taryhymyzy, baý edebi mirasymyzy beýan edýän eserleri okamagy endik edinmelidirler. Dana pederlerimiz «Bilim bilen hikmet — altyndan gymmat», «Okadym diýme, bildim diý!», «Kitap okamaýan göräýnini görer, kitap okaýan dünýäni görer» diýipdirler.

Ýaş wagty edermenligi, batyrlygy we dury pähim-paýhasy bilen döwlet guran, ýurt dolandyran türkmen gerçekleriniň, merdana zenanlarymyzyň gahrymançylygyny ýaşlarymyzyň bilmegi wajypdyr. Oguz han, Togrul beg, Çagry beg, Alp Arslan, Jelaleddin Meňburun ýaly, Tumar şa, Törebeg hanym ýaly akyl-paýhasly, gaýduwsyz şahsyýetlerimiz ýakyn we alys ýurtlarda heniz ýaş mahallary meşhurlyga eýe bolupdyr.

Şu günki ýaşlarymyz hem öz aslyna eýerip, halkymyzyň ajaýyp häsiýetlerini unutmaly däldirler. Häzirki türkmen ýaşlary öz geçmişine buýsanmalydyrlar, halkymyzyň köp asyrlyk ar-namysyna, gyz edebine, ýigitlik mertebesine eýermelidirler.

Adamyň ömürboýy gazanan baýlygy — tälim-terbiýesi, akyl-paýhasy, ukyp-başarnygy, hünäri onuň Watan gymmatlygy baradaky garaýyşlarynda ýüze çykýar. Perzendiň terbiýesiniň esasy mazmuny Watan mukaddesliginde jemlenýär. Türkmen maşgalasynda perzendiň il aladasyny edýän ogul bolup kemala gelmeginiň asyl manysynda Watan üçin edilen yhlas we söýgi bardyr. Men bilim işgärleri, ata-eneler bilen duşuşyklarymda hemişe ýaşlary watansöýüji, giň gözýetimli, kämil düşünjeli şahsyýetler edip kemala getirmek üçin olary milli däplerimiz, edep-kadalarymyz esasynda terbiýelemek barada pikir alyşýaryn.

Türkmen halkynyň milliligi we biziň ruhy baýlygymyz bolan türkmençilik dünýä medeniýetinde aýratyn orun tutýan belent ahlak derejesidir. Türkmençilikde her bir hereket, her bir söz belent edep-ekrama ýugrulandyr.

Ili il edýän onuň agzybirligidir. Agzybirligiň özeninde bolsa birek-birege, ulynyň kiçä we kiçiniň ula özara sylag-hormaty bardyr. «Edep başy salam» diýlişi ýaly, jemgyýetde adamlaryň arasyndaky agzybirligi, ynamy berkidýän ilkinji basgançak salamlaşmakdan başlanýandyr. «Salam — Taňrynyň ady» hem diýilýär. Açyk ýüz, päk ýürek bilen berilýän salam adamlaryň kalbynda dostlugy, ynamy berkidýär.

***Eziz ýaşlar!***

Watandan beýik mukaddeslik, Watandan beýik gymmatlyk ýokdur. Watansöýüjilik ynsan gözelliginiň egsilmez hazynasydyr. Watansöýüjilik bu ata-babalarymyzyň mukaddes ündewidir. «Paýhas çeşmesi» atly kitapda hem bellenilişi ýaly, «Atany söýen, Watany söýer», «Geýmäge keten ýagşy, ölmäge — Watan». Watanyny diňe söz bilen däl, halal zähmeti, yhlas-başarnygy bilen söýýän, beýik şahsyýetlere hormat goýýan ýaşlar hakyky watançy nesillerdir.

Oguz han, Adybeg soltan, Jygalybeg, Görogly, Jelaleddin Meňburun ýaly ýurt azatlygy, Watan goragy ugrundaky agyr söweşlerde mertlik görkezen milli gahrymanlar bu günki nesiller üçin gaýduwsyzlygyň belent mekdebidir.

Türkmen ýaşlary ata-babalarymyzyň yhlasy siňen türkmen topragynyň her bir daban ýeriniň mukaddesdigini hiç wagt unutmaly däldirler!

Türkmen ýaşlary öz pederleriniň Watanyna wepaly, ynsanperwer, adalatly, sahawatly, asylly, sabyr-kanagatly ynsanlar bolandyklaryny hiç wagt unutmaly däldirler!

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alýan watansöýüjiligi, gahrymançylygy we edermenligi bu günki türkmen ýaşlaryny bezeýän iň asylly, iň arzyly milli häsiýetler bolmalydyr. Goý, siziň batyr, edermen, gaýduwsyz häsiýetleriňiz watansöýüjiligiň ajaýyp tugy bolup, dünýäde belentden parlasyn!

***Gadyrly ýaşlar!***

«Asmanda gök Taňry, aşakda ýalňyz ýer», «Mert söweşde belli, dana — geňeşde», «Ýüz namart bir merdiň ýerini tutmaz» ýaly parasatly sözler watansöýüjiligi, hakyky gahrymançylygy beýan edýär. Watansöýüjilik, gaýduwsyzlyk, mertlik, dogumlylyk, göwnaçyklyk, gaýratlylyk, geçirimlilik, mylaýymlyk, ruhubelentlik, pespällik, päklik, arassalyk, paýhaslylyk, ýagşylyk etmek — bular Beýik Biribar tarapyndan türkmeniň süňňüne guýlan ebedi milli häsiýetlerdir. Bu häsiýetler her bir perzendiň kalbyna ene süýdi, atalaryň pendi bilen guýulýandyr.

Maşgala ojagynda ata-enäniň öz aslyny, göbek ganyny daman topragynyň mukaddesligini we pederleriniň şöhratly ýoluny perzendiniň aňyna guýmagy geljekki kämil şahsyýetiň ruhy dünýäsini baýlaşdyrýar, gözýetimini giňeldýär. Ýagşy häsiýetler ynsanyň özüni, ýagşy amallar bolsa onuň ömrüni bezeýär. Her kimde ajaýyp häsiýetler näçe köp boldugyça, onuň il arasyndaky alkyş-abraýy, hormat-sylagy hem artmak bilen bolýar. Pespällik ynsanyň mylaýymlygyny, kanagat sahylygyny, bilim danalygyny, wepalylyk abraýyny görkezýär. Dogruçyllyk hoşamaýlygydyr, akgöwünlilik we yhlas rysgalydyr, şükür nygmatydyr, güler ýüzli bolmagy bolsa onuň dostlugydyr.

***Mähriban ýaşlar!***

Nesilbaşymyz Oguz han Türkmenden gözbaş alýan edep kadalary ýaşlary ahlak arassalygyna, ýokary adamkärçilige, watançylyga, edermenlige, päk söýgä ruhlandyrýan egsilmez ruhy çeşmedir. Şoňa görä-de, bu gymmatlyk ýyl-ýyldan beýgelýär, gadyr-gymmaty artýar. Milli edep-terbiýämizde halkymyzyň ynsanperwerlik, päklik, ruhubelentlik, kiçigöwünlilik, mertlik, dogry sözlülik ýaly ahlak gymmatlyklary jemlenendir. Hut şonuň üçin hem, ýaşlar, siz edep kadalaryny durmuşyňyzyň manysyna öwürmäge çalşyň!

«Adam eli — gyzyl gül» diýipdirler. Agajyň miwesinden belli bolşy ýaly, ynsan hem özüniň zähmeti bilen meşhurlyga eýe bolmalydyr. Zähmet gazanç çeşmesi we ahlak borjy bolup durýar. Sen bu borjuň üsti bilen Watanyň gülläp ösmegine hem goşant goşýandygyňa oňat düşünmelisiň. Yhlasly we öndürijilikli zähmet seniň adyňy halkyň içinde ykrar eder we saňa uly hormat getirer. «Gyzjagazyň eline iňňe-sapak ber, oglanjygyň eline pil ber!» diýen paýhasly pederlerimiz gyz-oglanyň zähmet terbiýesine aýratyn üns beripdirler.

Siz hemişe ýatda saklaň! Zähmetsöýerlik ynsanyň hakyky baýlygydyr, onuň mertebesini hem-de abraýyny belende göterýän uly güýçdür. Türkmen ýaşlary öz zähmeti bilen ata Watanymyzy diňe bir şöhratlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, ony goramaga hem borçludyrlar. Ata Watany, mähriban halkymyzyň parahat, bagtyýar durmuşyny goramak ýurduň ähli raýatlarynyň mukaddes borjudyr.

***Eziz ýaşlar!***

Perzent terbiýesi ata-enäniň mukaddes wezipesidir. Perzende türkmençilige mahsus at dakmak, bilim-terbiýe bermek, öýli-işikli etmek ata-enäniň perzendiň öňündäki esasy üç borjudyr. «Çagany — ýaşdan, edebi — başdan», «Terbiýesiz çaga — baş öwredilmedik at», «Akylyň bahasy bolmaz, terbiýäniň — çägi», «Adam edebinden tanalar, ýurt — tugundan», «Çaga eziz, edebi ondanam eziz», «Gyz — gylygy bilen, ogul — edebi bilen» diýipdirler.

Ene-ata öz perzendine, ilki bilen, özlerine hormat goýmagy, uly-kiçiniň gadyr-gymmatyny bilmegi öwretmelidir. Şeýle hem perzendine ýaş wagty edep-ekram öwretmelidir, bagtyýar durmuşda ýaşamagyň ýoluny salgy bermelidir. Perzendiniň edepsiz hereketini gören ene-ata oňa dogry ýol salgy bermelidir. Ata-ene öz perzendinde ata Watana bolan beýik buýsanjy, oňa tagzym etmegi we egsilmez söýgini terbiýelemelidir. Ata-eneleriň wagyz-nesihatlary halkymyzyň ynsanperwer kadalaryndan aýra düşmeli däldir.

Sagdyn maşgala sagdyn jemgyýetiň, sagdyn jemgyýet bolsa sagdyn döwletiň binýadydyr. Sagdynlyk düşünjesinde diňe jan saglygy göz öňünde tutulman, ruhy kämillik, ahlak belentligi-de jemlenýär. Türkmen maşgalasynda gyz bolsa aýratyn ähmiýet berilýär. Aýratyn-da, halkymyz gyz çaganyň edep-ekramyna, özüni alyp barşyna, terbiýesine uly üns berýär. Onuň arassa ahlakly bolup ýetişmegi üçin aýratyn alada edýär. «Ýagşy ene — ýagşy gyza görelde» ýaly nakylda hem türkmen maşgalasynda zenan edebine, gyz çaganyň terbiýesine aýratyn üns berlendigini görmek bolýar. Gyz perzendiň kalbyna guýulýan ýagşy niýet-arzuwlaryň möhüm ähmiýeti bardyr. Şonuň üçin her bir ene-ata gyz perzendiň syrdaşy, ýakyn adamy bolmalydyr. Halkymyzda gyz edebi il edebine deňelýär. Päk ahlakly, sada, medeniýetli gyz çaga maşgalanyň abraýy, baran öýüniň buýsanjydyr. Biziň edep-terbiýämizde gyz-gelinlerimiziň asyllylygy, edep-ekramy aýratyn mertebä eýedir.

***Eziz ýaşlar!***

Ata-babalarymyz «Maşgalam — baş galam», «Ene — ojak eýesi, ata — işik söýesi» diýipdirler. Maşgala gatnaşyklary miras galýan, gorap saklanmaga degişli mukaddeslikdir. Maşgaladaky asudalyk, agzybirlik we rahatlyk jemgyýetimiziň abadançylygydyr. Sagdyn ahlagyň, sagdyn edebiň düýbi hem maşgalada tutulýar.

**(Dowamy 5-nji sahypada).**

# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçen umumy okuw sapagyndaky ÇYKYŞY

**(Arkadag şäheri, 2026-njy ýylyň 2-nji sentýabry)**

**(Başlangyjy 2 — 4-nji sahypalarda).**

Geljekki neslimiziň terbiýesi hem maşgala baglydyr. Maşgalada adam şahsyýet hökmünde kemala gelýär, birek-biregi hormatlamagy, söýmegi öwrenýär. Halkymyzyň durmuş tejribesinde çaganyň doglan pursadyndan başlap, onuň her bir ösüşiniň tapgyry milli dessurlar bilen utgaşyp gidýär. Çaga dünýä inenden soň, onuň ilkinji kyrk güni, ýagny kyrk çile döwri aýratyn ideg we mähir bilen gurşalýar. Çaganyň ilkinji dişi çykanda bolsa öý-ojakda uly şatlyk bilen diş toýy tutulýar. Bu dessur perzendiň uly durmuşa sagdyn we berk ädimler bilen başlamagynyň buýsançly baýramydyr. Soňra çaganyň saçynyň ilkinji gezek alynmagy bilen, galpak toýy bellenýär. Bu toýlar diňe bir şatlyk-dabara däl, eýsem, il-günüň jem bolup, täze doglan nesle ak ýol, uzak ömür we bagtyýar geljek dilemegidir. Bu taryhy we gadymy däpler maşgala mukaddesligini berkitmäge hyzmat edýär.

Adamyň iň gowy häsiýetleriniň biri hem ene-atasyna bolan çäksiz söýgüsidir. Türkmen nakylynda aýdylyşy ýaly: «Ataň bagtly bolsa, Allatagala bereket berer, eneň bagtly bolsa, pygamber ýalkar». Türkmenleriň «Käbäm — enem, kyblam — atam» diýen sözüniň aňyrsynda hem uly many bar. Ata-enä mähriban bolmak, olary mähir bilen gurşap almak, hyzmatyny etmek, hormat goýmak, olaryň pendini tutmak perzendiň borjudyr. «Gyzylyň-kümşüň könesi bolmaz, ata-enäniň — bahasy», «Ata kesbi ogla halal» ýaly ajaýyp jümleler ýaşlaryň durmuş şygaryna öwrülmelidir.

***Mähriban talyplar!***

Her bir ynsanyň ömrüniň we şahsyýetiniň kemala gelmegi, ilki bilen, maşgala ojagyna we enäniň mähremligine baglydyr. Ene ýüregi tükeniksiz mähriň, sabyr-takadyň beýik çeşmesidir. Enäniň perzende bolan söýgüsi dünýädäki iň tämiz we iň belent duýgudyr. Çaganyň beden hem-de ruhy taýdan sagdyn kämilleşmeginde örän wajyp bolan ene süýdi diňe bir iýmit däl, eýsem, ynsana halallygy, ynsaplylygy we Watana bolan wepalylygy siňdirýän ilkinji mukaddeslikdir. Ene mähriniň owazy bolan hüwdi bolsa çaganyň aňyna we kalbyna ilkinji guýulýan watançylyk senasydyr.

Bu gün her bir maşgala, ene, çaga döwletiň üns merkezinde saklanýar. Döwletimiz öz kiçijik raýatlary üçin ähli mümkinçilikleri döredip, olaryň sagdyn, berk bedenli, bilimli bolmaklary ugrunda uly alada edýär. Şunuň bilen baglylykda, ýakynda paýtagtymyz Aşgabatda diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmegi goldamak ulgamlaryny berkitmek boýunça ýokary derejeli milli «tegelek stol» maslahaty hem geçirildi.

***Hormatly mugallymlar!***
***Talyp ýaşlar!***

Her halk öz neslini milli düşünjeleri we medeni däpleri esasynda terbiýeleýär. Ata-eneler, mugallymlar ýaşlaryň terbiýesini özbaşyna goýbermeli däldirler. Internet giňişligindäki ters düşünje-garaýyşlara ýaşlyk ýeňilligi bilen özlerini aldyrmazlygyny, ahlak arassalygyny, mertebesini goramalydygyny yzygiderli pent edip durmalydyrlar. Mugallym çagalara özüni alyp barmagyň düzgünlerini, sözleýiş edebini yzygiderli öwretmelidir. Bu jogapkärli işde mugallym diýen belent ada mynasyp bolan watandaşlarymyzyň hyzmaty örän uludyr. Mugallym — ýaş nesli terbiýeleýän, bilim berýän we olaryň geljegine uly täsir edýän hormatly hünäriň eýesi, beýik ynsandyr. Mugallym ýaş nesillerimize ýolgörkeziji şahsyýetdir. Şonuň üçin mugallym sabyrly, akylly, mylaýym we adalatly bolup, her bir okuwça deň göz bilen garamalydyr, olaryň pikirine hormat goýmalydyr.

«Ussadyňa hormat etseň, ylmyň artar», «Bilimliniň ýoly açyk», «Bir harp öwreden mugallyma kyrk gün salam» ýaly atalar sözleri her bir ýaş nesliň öz mugallymyna hormat goýmalydygyny ündeýär. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy ilkinji mugallymy — atasy Döwletmämmet Azada «Ylym öwreden ussat kyblam pederdir» diýip ýüzlenýär.

Atam Berdimuhamet Annaýew hem halka hyzmat edip, jemgyýetde hormat-sylaga mynasyp bolan, ömrüni mugallymçylyk kärine bagyşlan ilhalar ynsandy. Atam çagalara diňe sowatly okamagy we ýazmagy öwretmän, diňe bir bilim bermän, eýsem, olaryň kalbyna jemgyýetde özüni mynasyp alyp barmagyň endiklerinem guýýardy. Ol çagalara diňe bir uly adamlara däl, eýsem, öz deň-duşlaryna-da hormat bilen garamak barada terbiýe bererdi. Kakam hem, öz gezeginde, Watanymyz, halkymyz, ýurdumyz baradaky oý-pikirlerini goşgy setirlerine geçirerdi. Tebigatymyz barada köp suratlary çekerdi. Häzir men kakamyň 80 ýaşynda ýazan «Ata pendi» baradaky goşgy setirlerini aýdyp bereýin.

*Çylşyrymly bolýar durmuşyň ýoly,*
*Ýöne ýalňyşmajak bolmaklyk gerek.*
*Ata-ene käýinse — säwlik goýbersek,*
*Ony gaty görmän, düzetmek gerek.*
*Bize maslahatçy ata-ene gerek.*

Mugallym okuwçylaryň durmuşynda yz galdyrýan halypadyr. Şoňa görä-de, mugallym hemişe öz bilimini artdyrmaga çalyşmalydyr. Döwrüň talaplaryna laýyk täze usullary öwrenip, hünär derejesini kämilleşdirmelidir.

***Gadyrly talyplar!***

Türkmen ýaşlary öz päk kalplarynda elmydama mähriban Watanyna, il-gününe bolan söýgini saklamalydyrlar.

Söýgi — bu seniň Beýik Biribara, mähriban Watanyňa bolan beýik duýgyňdyr.

Söýgi — bu seniň mähriban halkyň geçmişine, şu günki bagtyýar durmuşyna hem-de beýik geljegine bolan beýik buýsanjyňdyr.

Türkmen topragyny söýüň! Türkmen topragy türkmen bedewlerini, nepis halylary, şaý-sepleri, onlarça gadymy ylmy-medeni merkezleri dünýä siwilizasiýasyna bagyş eden seniň mukaddes Diýaryňdyr.

Türkmen halkyny söýüň! Çünki seniň halkyň köp asyrlaryň dowamynda durmuş şertleri we taryhy tejribeler esasynda kämilleşen milletdir.

Türkmeniň milli mirasyny söýüň! Milli mirasymyza pederlerimiziň ruhy siňendir. Milli miras — bu halallyk, ýere-topraga yhlas etmek, ahlak arassalygy, nebse çapmazlyk, beden tämizligi, gaýduwsyzlyk ýaly paýhas eleginden geçirilen öwüt-ündewlerdir.

Sporty söýüň! Sport seni diňe bir beden taýdan kämilleşdirmek bilen çäklenmän, eýsem, seniň dünýägaraýşyňy hem giňeldýär. Sport — bu güýç-gaýratyň, gözelligiň we saglygyň gözbaşydyr.

***Eziz ýaşlar!***

Dil — halklary ýakynlaşdyrmakda, dost-doganlygy berkitmekde, halklaryň medeni mirasyny öwrenmekde esasy hyzmaty ýerine ýetirýär. Mahmyt Kaşgarly, Mahmyt Zamahşary ýaly dilçi alymlar öz dil baýlyklary bilen halklaryň arasynda ylmyň, edebiýatyň, medeniýetiň baglanyşygyny üpjün edipdirler. Türkmen ýaşlarynyň pederlerimiziň bu ýoluny dowam etmekleri parzdyr.

Türkmen dili döwlet dilidir! Türkmen dili dünýäniň iň gadymy, baý we şirin dilleriniň biridir! Dilimize sarpa goýuň!

Daşary ýurt dillerini öwreniň! Daşary ýurt edebiýatyny öwreniň! Dil siziň dünýädäki dostlaryňyzyň sanyny artdyrar. Dil siziň dünýädäki abraýyňyzy belende göterer. Halkymyzyň «Dil bilen — dana, dil bilmeýän — diwana», «Dil — akylyň açary», «Dil bilen dünýäni gezer» ýaly pähimlerini özüňize şygar ediniň!

Mähriban ýaşlar!

Öz taryhy ösüşiniň dowamynda halkymyz hiç wagt ylymdan daşda bolan däldir. Türkmen ýaşlary bu gün öz pederleriniň ylym dünýäsindäki beýik ýeňişlerine, beýik açyşlaryna buýsanmaga haklydyr. Dünýäniň häzirki zaman ylmyndaky özgertmeler adamzat jemgyýetiniň barha kämilleşmegine ýol açýar. Ýaşlarymyz täze ylmy-tehniki ösüşden baş çykarmalydyrlar. Türkmen ýaşlary innowasion barlaglara işjeň gatnaşmalydyrlar, täze tehnologiýalary döretmelidirler.

***Mähriban talyplar!***
***Eziz okuwçylar!***

Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň geljegi siziň nurana ykbalyňyz bilen baglydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Siz öz alan bilimiňiz we zähmetiňiz, edep-ekramyňyz we zähmetsöýerligiňiz bilen eziz Watanymyzyň şöhratyny mundan beýläk-de belende götermelisiňiz. Birek-biregiň üstünliklerine buýsanyp, halkymyzy, Watanymyzy söýmelisiňiz. Ilhalar şahsyýetler bolup ýetişmelisiňiz. Watanymyzyň şanly taryhyna, milli köklerimize, beýik şahsyýetlerimiziň gazananlaryna göz ýetirýän hem-de olardan netije çykarmagy başarýan ýaşlar biziň buýsanjymyzdyr!

Berkarar Watanymyzyň eziz ýaşlary, men şu günki umumy sapagymy tamamlamak bilen, size berk jan saglyk, uzak ömür, bagtyýarlyk we okuwyňyzda hem-de durmuşyňyzda uly üstünlikleri arzuw edýärin!

***Hormatly mugallymlar!***
***Gadyrly talyplar we okuwçylar!***

Hormatly Prezidentimiziň berk nygtaýşy ýaly: «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!».

***Mähriban ýaşlar!***

Siz eziz Diýarymyzyň buýsanjy we geljegi!

Diňe siz bilen öňe, öňe, diňe öňe, jan Watanym Türkmenistan!

## TARYHY WAKANYŇ ŞAÝADY

***2-nji sentýabrda Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzyň bilim işgärleri, talyp ýaşlar hem-de okuwçylar bilen geçen umumy sapagy ylym-bilim ulgamynda möhüm ähmiýetli taryhy waka boldy. Onuň dowamynda ýaş nesliň öwrenmäge höwesini artdyrmak, olaryň milli gymmatlyklara wepalylygyny berkitmek babatda gymmatly pikirler beýan edildi. Öňe sürlen her bir pikir ýaşlaryň durmuşda dogry ýol-ýörelgäni saýlamagyna, Watana söýgüsini iş ýüzünde görkezmegine ýardam berýän nusgalyk öwüt-ündewlere öwrüldi. Şunda bilim bilen terbiýäniň sazlaşygynyň kämil şahsyýeti kemala getirmegiň esasy şertleriniň biridigi aýratyn nygtaldy. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň Watanymyzyň beýik geljegini gurujylara bildirýän belent ynamy olary täze üstünliklere, döredijilikli zähmete, ylym-bilimde öňe gitmäge ruhlandyrýan güýçdür. Bular barada watançylyk sapagyna gatnaşan uniwersitetimiziň talyplarynyň ýürek sözlerini ýetirýäris.***

**Näzik SERDAROWA,**
**žurnalistika hünäriniň 3-nji ýyl talyby:**

*— «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly durmuşymda ýatdan çykmajak pursatlara beslenýär. Täze okuw ýyly mynasybetli Gahryman Arkadagymyzyň umumy sapagyna gatnaşmagym buýsançly başymy göge ýetirdi.*

*Bilşimiz ýaly, 2024-nji ýylyň oktýabr aýynda Aşgabatda beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp maslahat geçirildi. Şol maslahata gatnaşan ýokary derejeli myhmanlar Türkmenistanyň Magtymguly Pyragynyň mirasdüşeri we işlerini dowam etdiriji hökmünde ýokary ynsanperwerlik kadalaryna eýerýändigi barada aýtdylar.*

*«Türkmen ýazyjy-şahyrlary şöhratly ata-babalarymyzyň ynsanperwerlik baradaky beýik taglymatlaryny dowam etdirýärler. Mähriban halkymyz Berdi Kerbabaýewe, Kerim Gurbannepesowa, Gurbannazar Ezizowa, Osman Ödäýewe, Gözel Şagulyýewa... örän uly sarpa goýýar. Nury Halmämmedow, Çary Nurymow, Weli Muhadow ýaly meşhur kompozitorlar eziz Watanymyzyň at-abraýyny has-da belende göterdiler» diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy.*

*«Türkmen dili döwlet dilidir! Türkmen dili dünýäniň iň gadymy, baý we şirin dilleriniň biridir! Dilimize sarpa goýuň! Daşary ýurt dillerini öwreniň! Daşary ýurt edebiýatyny öwreniň! Dil siziň dünýädäki dostlaryňyzyň sanyny artdyrar. Dil siziň dünýädäki abraýyňyzy belende göterer. Halkymyzyň «Dil bilen dana, dil bilmeýän diwana», «Dil — akylyň açary», «Dil bilen dünýäni gezer» ýaly pähimlerini özüňize şygar ediniň!» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri belledi.*

*Bize okamaga, öwrenmäge döredip berýän mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp-köp sagbolsun aýdýarys.*

**Suraý AMANMUHAMMEDOWA,**
**žurnalistika hünäriniň 3-nji ýyl talyby:**

*— Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde Bilimler we talyp ýaşlar güni we täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli okuw sapagyny geçdi. Bu okuwa talyp deň-duşlarymyz bilen birlikde maňa-da gatnaşmak nesip etdi. Gahryman Arkadagymyz okuw sapagynda biz — ýaşlara giň gerimli öwüt-ündewlerini berdi.*

*«Ata-babalarymyzyň akyl-paýhasyndan dörän milli mirasymyz asyrlaryň synagyndan geçip, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Nakyllardyr atalar sözi, hüwdüler, tymsallar halkymyzyň baý taryhyndan habar berýär. Dünýädäki her bir millet beýik şahsyýetleri arkaly tanalýar» diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi.*

*Gahryman Arkadagymyzyň: «Ynsany kämillige ýetirýän ylym hem-de bilimdir» diýen pähimi biziň her birimiz üçin ýolgörkeziji şamçyragdyr. Watançylyk sapagy ýaşlary watansöýüji, zähmetsöýer, arassa ahlakly, milli ýörelgelere wepaly şahsyýetler edip ýetişdirmek babatda has-da jogapkärçilikli işlemäge borçlandyrdy.*

*Geljekde döwrebap bilim ojagymyzda alan bilimimiz, häzirki zaman tehnologiýalary bilen işlemek başarnygymyz bilen Watanymyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşarys. Ýaş nesliň bagtyýar, abadan geljegi üçin ýadawsyz tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, tutumly işleri rowaç bolsun!*

Täzelikler

# Bilim işgärleriniň maslahaty



***26-njy awgustda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň guramagynda 2025-2026-njy okuw ýylyny jemlemek hem-de 2026-2027-nji okuw ýylynda öňde durýan wezipeleri ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» şygary bilen ýurdumyzyň bilim işgärleriniň maslahaty geçirildi. Maslahata bilim ulgamynyň işgärleri, mugallymlar gatnaşdylar.***

Maslahatda çykyş edenler Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary bilen tassyklanan maksatnamalaryň, konsepsiýalaryň we strategiýalaryň esasynda gazanylýan üstünlikler, ýurdumyzyň durnukly durmuş-ykdysady ösüşi we halkymyzyň bagtyýar durmuşy barada buýsanç bilen nygtadylar. Çykyşlarda hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasatynyň möhüm ugry hökmünde bilimiň hilini we mazmunynyň dünýä ölçeglerine laýyklykda üpjün edilmegi, okuw-terbiýeçilik işindäki öňdebaryjy tejribeler nazara alnyp, ýaş nesliň aň-paýhas, beden we ruhy taýdan sazlaşykly ösmegi, watançylygyň belent ruhunda terbiýelenmegi bilen baglanyşykly özgertmeler barada bellenildi.

Duşuşykda edilen çykyşlarda bilim ulgamynda geçen okuw ýylynyň jemleri seljerilip, täze okuw ýylynda öňde durýan wezipeler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn işlerde bilim ulgamyny ösdürmek babatda kesgitlenen wezipeler, şol sanda täze taryhy döwrüň talaplaryna laýyklykda, bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak we hilini täze derejelere çykarmak üçin kadalaşdyryjy-hukuk namalaryny, şeýle hem okuw dersleri boýunça dürli okuw-usuly gollanmalaryny işläp taýýarlamak, halkara tejribeleriň esasynda pedagogik işgärleri taýýarlamak, hünär ussatlyklaryny ýokarlandyrmak, halypa-şägirt gatnaşyklaryny ösdürmegiň gurallaryny kämilleşdirmek hem-de ulgamlaýyn dowam etdirmek babatda çykyşlar edildi.

Şonuň ýaly-da, bilim işgärleriniň maslahatynda usuly-amaly okuwlarda okatmagyň ylmy taýdan esaslandyrylan döwrebap, innowasion usullaryny, sanly serişdeleri we multimedia enjamlaryny bilim işine giňden ornaşdyrmak, bilim işgärleriniň tehniki serişdelerden hem-de ulgamlardan, maglumat gorlaryndan peýdalanylyşyny kämilleşdirmek, hünär ussatlygyny yzygiderli ýokarlandyrmak, mekdebe çenli ýaşly çagalaryň irki ýaşdan sagdyn ösüp kemala gelmeklerini, mekdebe taýýarlykly barmaklaryny üpjün etmek, ýaşlary ylmy-gözleg işlerine ugrukdyrmak boýunça wezipeler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Maslahat bilen ugurdaş Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplarynyň, ýurdumyzyň talyp ýaşlarynyň bilim, ylmy-döredijilik, taslama bäsleşiklerinde, olimpiadalarynda we sportda gazanan üstünlikleriniň hem-de milli amaly-haşam sungatynyň gymmatlyklarynyň sergisi guraldy.

# Gruziýanyň wekiliýeti bilen duşuşyk geçirildi



**2-nji sentýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Gruziýanyň bilim, ylym we ýaşlaryň işleri boýunça ministri Giwi Mikanadzeniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň Türkmenistana iş saparynyň çäklerinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde rektory we wekilleri bilen duşuşyk geçirildi. Duşuşykda Gruziýanyň wekiliýeti uniwersitetiň işi bilen tanyşdyryldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# «Merkezi Aziýa – Hytaý» merkeziniň tanyşdyryş çäresi geçirildi




***25-nji awgustda** Hytaý Halk Respublikasynyň Sinszýan-Uýgur awtonom raýonynyň Kommunistik partiýasynyň Komitetiniň Sekretarynyň orunbasary, bu raýonyň Halk hökümetiniň başlygy, jenap Erkin Tuniýazyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň ýurdumyza saparynyň dowamynda Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçylarynyň we wekilleriniň gatnaşmagynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Bilim ugrunda alyş-çalyş we hyzmatdaşlyk boýunça «Merkezi Aziýa — Hytaý» merkeziniň tanyşdyryş çäresi» geçirildi.*



Tanyşdyryş çäresinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň hyzmatdaş daşary ýurt okuw mekdepleriniň wekilleri — Sinszýan uniwersitetiniň prorektory Çžan Ýun we Sinszýan mugallymçylyk uniwersitetiniň prorektory Lýu Çenszýan çykyş etdiler. Dabarada edilen çykyşlarda Hytaý Halk Respublikasyndan ýokary derejeli wekiliýetiň Türkmenistanda saparda bolmagy iki döwletiň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmekde aýratyn ähmiýete eýe bolandygy bellenilip geçildi.

Magtymguly adyndaky TDU-nyň Sinszýan uniwersiteti we Pekin daşary ýurt dilleri uniwersiteti bilen gol çeken ähtnamalarynyň esasynda akademik gatnaşyklary giňeltmek, hünär derejesini ýokarlandyrmak we ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça ulgamlaýyn işleriň alnyp barylýandygy nygtaldy.

Duşuşygyň dabaraly pursaty Hytaý Halk Respublikasynyň Sinszýan-Uýgur awtonom raýony tarapyndan Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri üçin hytaý kitaplaryny sowgat bermek dabarasy bilen utgaşdy.



Dabara bilen ugurdaş kitap, amaly-haşam sungatynyň sergisi, dutarçylar toparynyň ýerine ýetiren aýdymlary oňa gatnaşyjylarda özboluşly täsir galdyrdy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Ylmy-amaly maslahat

***28-nji awgustda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli «Hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny kämilleşdirmek syýasaty ýurdumyzyň durnukly ösüşiniň möhüm şertidir» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.*



Maslahatdaky çykyşlarda ýurdumyzda «Bilim hakynda», «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň, «Türkmenistanda çaganyň irki ösüşini we mekdebe taýýarlygyny ösdürmek babatda 2020 — 2025-nji ýyllarda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň Maksatnamasynyň», bilim edaralarynyň işlerini kadalaşdyrýan hukuk namalaryň kabul edilmegi, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», şeýle hem «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelerden ugur alyp, ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bilim edaralarynyň gurlup ulanylmaga berilýändigi buýsanç bilen bellenilip geçildi.

Çykyşlarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde professor-mugallymlar tarapyndan Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy bilen ylalaşyk esasynda ylmy-barlag işleriniň 20-ä golaýynyň alnyp barylýandygy, temalaryň ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň möhüm meselelerini çözmäge, tebigy we takyk, durmuş-ynsanperwer ylymlaryny ösdürmäge, bilim bermegiň nazaryýetini we usulyýetini kämilleşdirmäge gönükdirilen işlerdigi bellenildi. Şunda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary bilen kabul edilen «Türkmenistanda ylmyň we tehnologiýalaryň ileri tutulýan ugurlary boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Maksatnamasy», «Türkmenistanda biotehnologiýany toplumlaýyn ösdürmegiň 2024 — 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy», «Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2024 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy», «Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy» we olary amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamalarynda kesgitlenen wezipelerden ugur alynýar.

Maslahatyň işi umumy bölümde we bölümçeleriň 11-isinde dowam etdirildi. Olarda ýokary okuw mekdeplerdir ylmy-barlag institutlarynyň professor-mugallymlarynyň, alymlarynyň, ylym we bilim işgärleriniň, aspirantlaryň, dalaşgärleriň hem-de talyplaryň çykyşlarynyň 440-dan gowragy meýilleşdirildi.

Ylmy-amaly maslahat bilen ugurdaş türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplarynyň, uniwersitetiň professor-mugallymlarynyň okuw kitaplarynyň, gollanmalarynyň, monografiýalarynyň, şeýle hem ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşine bagyşlanan taslamalarynyň, mugallymlaryňdyr talyplaryň bilimde, ylymda hem-de sportda gazanan üstünlikleriniň, programma üpjünçiligi we işläp düzmeleriň sergisi guraldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Bilimler we talyp ýaşlar güni dabaraly bellenildi

*Okuw sapagynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Diýarymyzyň ösüşiň täze belentliklerine bedew bady bilen barýandygy bellenildi.*

Ilkinji okuw sapagynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelerden ugur alnyp, täze taryhy döwrüň talaplaryna laýyklykda durmuşyň ähli ugurlarynyň ösdürilýändigi nygtaldy. Şeýle hem okuw sapagynda ýurdumyzyň halkara derejede at-abraýynyň, şan-şöhratynyň has-da ýokary derejelere ýetmegi ugrunda Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri giňişleýin beýan edildi.



Ilkinji okuw sapagyna gatnaşyjy talyplar ýurdumyzy ösüşiň täze belentliklerine tarap bedew bady bilen alyp barýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş we hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Ösüşiň berkarar binýady

*Halkymyzyň taryhynda we jemgyýetçilik durmuşynda öçmejek yz galdyrýan şanly seneleriň biri hem 1-nji sentýabr — Bilimler we talyp ýaşlar günüdir. Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bolşy ýaly, täze okuw ýylynyň ilkinji güni Watanymyzyň bilim ojaklarynda uly dabara, şatlyk-şowhun hem-de belent buýsanç duýgulary bilen garşylandy. Şanly senäniň şäherlerimizde we obalarymyzda giňden bellenilmegi ýaş nesliň döwrebap bilim almagyna, ylymly-bilimli, giň gözýetimli, watansöýüji ýaşlar bolup ýetişmegine döwlet derejesinde berilýän beýik ünsüň hem-de aladanyň aýdyň subutnamasydyr.*

Bilimler güni mynasybetli ýurdumyzyň baýry ýokary okuw mekdebi bolan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde hem dabaraly baýramçylyk çäreleri, ylmy-amaly maslahatlardyr ýygnaklar geçirildi. Baýramçylyk çärelerinde çykyş eden mugallymlar we talyp ýaşlar täze okuw ýylynyň belent maksatlary, ylymdaky täze sepgitler hem-de ýaşlaryň öňünde durýan ilkinji wezipeler barada durnukly pikirleri öňe sürdüler. Täze okuw ýylynyň başlanmagy bilen talyplaryň arasynda döreýän ýürek joşguny we uly hyjuw bütin okuw ýylynyň dowamynda täze ylmy-döredijilik üstünliklerine ýetmäge uly itergi berýär.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýunyň önüsyrasynda ýurdumyzyň bilim ulgamy ýene-de birnäçe taryhy wakalara beslendi. Şolaryň hatarynda Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze, döwrebap binalar toplumynyň dabaraly açylyp ulanylmaga berilmegini buýsanç bilen bellemek gerek. Müňlerçe talyba niýetlenen bu bilim toplumy mugallymçylyk hünärini saýlap alan ýaşlar üçin iň soňky amaly-barlaghana enjamlary, multimediýa tagtalary hem-de giň sport binalary bilen doly üpjün edilipdir.

Şeýle hem, ýurdumyzda binagärlik, gurluşyk we taslama ugurlary boýunça ýokary taýýarlykly, bäsleşige ukyply hünärmenleri ýetişdirmäge niýetlenen täze bilim ojaklarynyň, şol sanda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumynyň açylmagy hem bilim ulgamyndaky taryhy ädim boldy. Täze açylan bu binalar toplumy okuw maksatly tejribehanalary, amaly barlaghana otaglaryny we sanly ulgamyň iň soňky mümkinçiliklerini öz içinde jemläp, ýaşlarymyzyň dünýä ülňülerine gabat gelýän ýokary hilli bilim almagy üçin giň ýollary açýar.

Bilim ulgamynda amala aşyrylýan düýpli özgertemeler, täze açylýan döwrebap binalar toplumy hem-de talyplardyr okuwçylara döredilýän giň şertler ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň nyşanydyr. Şanly toýlaryň we baýramçylyklaryň bosagasynda ýetilen bu belent wezipeler halkymyzyň agzybirligini hem-de ýurdumyzyň durnukly ösüşini ýene bir gezek bütin dünýä äşgär edýär.



Şanly baýramçylyklar bilen utgaşyp gelen täze okuw ýyly ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamy üçin täze gözýetimleriň, beýik üstünlikleriň we döredijilikli zähmetiň ýyly bolar. Bilimler gününde tutulan belent niýetler, ylma bolan höwes hem-de Watana bolan söýgi ýaşlarymyzy bütin ýylyň dowamynda täze-täze ýeňişlere ruhlandyryp, ýurdumyzyň beýik geljegine uly goşant goşar.

**Bahargül BERDIÝEWA,
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň 1-nji ýyl magistranty.**

## Täze gözleglere badalga

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylmy-barlag işlerini işjeňleşdirmek we önümçilige ornaşdyrmak, häzirki zaman ylmynyň ýeten sepgitlerini we ylmy barlaglaryň netijelerini jemgyýetçilige ýetirmek maksady bilen giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu ugurda berýän tabşyryklaryndan ugur alnyp, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Ylmy barlaglar we innowasiýalar» ylmy-köpçülikleýin elektron žurnaly döredildi. Elektron žurnal türkmen, iňlis we rus dillerinde çärýekde bir gezek okyjylar köpçüligine ýetirilýär.*




«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna», Türkmenistanda ylmyň we tehnologiýalaryň ileri tutulýan ugurlaryna, «Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2024 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyna», «Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň ylmy-tehniki kuwwatyny pugtalandyrmak, ýokary okuw mekdeplerinde professor-mugallymlaryň, aspirantlaryň, dalaşgärleriň, magistrleriň, talyplaryň netijeli ylmy-barlag işlerini alyp barmaklary üçin giň mümkinçilikler we şertler döredilýär. Ylmy-barlag işleriniň netijelerini neşir arkaly ýaýbaňlandyrmak, ýaş alymlaryň täze neslini kemala getirmek, ýaşlaryň ylym bilen meşgullanmaklaryna höwes döretmek hem-de olara goldaw bermek işlerine döwlet derejesinde uly ähmiýet berilýär.

«Ylmy barlaglar we innowasiýalar» ylmy-köpçülikleýin elektron žurnalynda türkmen halkynyň Milli Lideri alym Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryndan ugur alyp, ýurdumyzda ynsanperwer ylymlary ösdürmek bilen baglanyşykly, şol sanda milli medeni mirasymyzy, şöhratly taryhymyzy, türkmen we daşary ýurt dillerini hem-de edebiýatyny öwrenmäge, filologiýanyň möhüm meselelerine, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda okatmagyň usulyýetini döwrebap kämilleşdirmäge bagyşlanan ylmy-nazary, ylmy-amaly hem-de ylmy-usuly makalalar ýerleşdirilýär.

Pedagogikanyň, psihologiýanyň, jemgyýeti öwreniş we hukuk ylymlarynyň gazanan üstünlikleri, okatmagyň we terbiýelemegiň döwrebap usulyýeti barada taýýarlanylan makalalar hem elektron žurnalyň mazmunyny baýlaşdyrýar. Şeýle hem žurnalda ýurdumyzda ylmy we tehnologiýalary ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda, tebigy we takyk ugurly ylymlarda, sanly tehnologiýalary peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmaga, nanotehnologiýalary, biotehnologiýalary, himiki tehnologiýalary, maglumat ulgamlaryny ösdürmäge, ýerli tebigy çig mal baýlyklaryndan ekologiýa taýdan arassa önümleri we täze materiallary öndürmäge degişli ylmy barlaglar arkaly alnan netijeler beýan edilýär.

Diýarymyzda yzygiderli ilerledilýän ylym-bilim özgertmeleri halkymyzyň bähbitlerine hyzmat edýär, jemgyýetimiziň berk binýadynyň esasyny düzýär. Munuň özi jemgyýetimiziň ösmegine, özgermegine, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşlerini çaltlandyrmaga uly itergi berýär. Şeýle işleriň köpçülikleýin wagyz edilmegi bolsa aýratyn ähmiýete eýedir.

**Halmyrat ÝUWŞANOW,**
**žurnalistika kafedrasynyň müdiri.**

## Ömrümiziň rahatlygy

*Her ýylyň sentýabr aýynda eziz Diýarymyzda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly şygar astynda hereket howpsuzlygynyň biraýlygyny geçirmek indi däbe öwrüldi. Onuň ýokary derejede guralmagy halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň abadan, asuda, ulag ýollarynyň hadysasyz bolmagynyň, ýurdumyzda iň gymmatly baýlyk hasaplanylýan ynsan saglygynyň ygtybarly goralmagynyň kepili bolup durýar.*

*Her ýylyň 1 — 30-njy sentýabry aralygynda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» diýen at bilen bir aýlyk geçirilýär. Bu biraýlygyň dowamynda geçirilýän çäreler ýurt abadançylygyny saklamaga ýurdumyzda ýol hereketiniň düzgünleriniň berjaý edilmegi netijesinde ilatyň saglygyny goramaga gönükdirilendir.*

*Şu günler Diýarymyzyň dürli künjeklerinde biraýlyga bagyşlanyp, dürli çäreler, maslahatlar, umumybilim berýän mekdeplerde we mekdebe çenli çagalar edaralarynda dürli bäsleşikler geçirilýär. Şeýle hem ýollarda*




*özüňi alyp barmagyň medeniýetini wagyz etmäge, ýol hereketine gatnaşyjylaryň şahsy jogapkärçiligini düşündirmäge gönükdirilen maksatnamalaýyn çäreler guralýar.*

*Halkymyzyň saglygy hakynda gije-gündiz alada edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, bu ugurda alyp barýan tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!*

**Allanur ÇARYÝEW,**
**türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň**
**5-nji ýyl talyby.**

## «Arkadag» toparynyň AFK — 2 Çempionlar ligasyndaky oýunlarynyň seneleri we wagty

*Malaýziýanyň Kuala-Lumpur şäherinde çekilen bijeler ýurdumyzyň «Arkadag» futbol toparynyň AFK-nyň «Çempionlar ligasy — 2» bäsleşiginiň toparçalaýyn tapgyryndaky garşydaşlaryny kesgitledi.*



Şeýlelikde, Arkadag şäheriniň adybir kluby ýaryşyň «B» toparçasynda çykyş eder. Ol bu toparçada Birleşen Arap Emirlikleriniň «Al-Jazira», Eýranyň «Gol Gohar Sirjan» hem-de Bahreýniň «Muharrak» futbol klublary bilen duşuşar. Oýunlar toparlaryň her biriniň öz futbol meýdanynda we myhmançylykda geçiriler.

«Arkadag» futbol klubunyň AFK — 2 Çempionlar ligasynyň «B» toparçasyndaky duşuşyklarynyň tertibi (Aşgabat wagty bilen):

**1-nji tapgyr: «Arkadag» — «Al-Muharrak» — 15-nji sentýabr, 18:45.**

**2-nji tapgyr: «Al-Jazira» — «Arkadag» — 14-nji oktýabr, 20:00.**

**3-nji tapgyr: «Gol Gohar» — «Arkadag» — 28-nji oktýabr, 18:45.**

**4-nji tapgyr: «Arkadag» — «Gol Gohar» — 4-nji noýabr, 18:45.**

**5-nji tapgyr: «Al-Muharrak» — «Arkadag» — 25-nji noýabr, 19:00.**

**6-njy tapgyr: «Arkadag» — «Al-Jazira» — 9-njy dekabr, 18:45.**

«Arkadag» futbol toparynyň AFK-nyň «Çempionlar ligasy — 2» bäsleşiginde uly üstünlikleriň hemra bolmagyny arzuw edýäris.

* * *

Ýurdumyzyň ýene bir wekili «Ahal» topary AFK-nyň Çagyryş ligasynyň Günbatar zolagynyň «A» toparçasynda çykyş eder. Onuň bäsdeşleri Liwanyň «Al-Ansar», Siriýanyň «Al-Ittihad» hem-de Butanyň «Paro» toparlary bolar.

«Ahalyň» toparçalaýyn tapgyrdaky duşuşyklary 17 — 23-nji oktýabr aralygynda Butanda merkezleşdirilen görnüşde geçiriler. Her topar üç duşuşyk geçirer.

Ýeri gelende aýtsak, AFK-nyň Çagyryş ligasynyň bu möwsümine jemi 20 klub gatnaşýar. Günbatar sebitden üç toparyň ýeňijisi hem-de ikinji orny eýelän toparlaryň arasynda iň gowy netije görkezen bir klub çärýek finala çykmaga mümkinçilik gazanar. Çärýek final duşuşyklary 2027-nji ýylyň mart aýynda, ýarym final aprelde, final oýny bolsa 8-nji maýda geçiriler.

**Baýramdiýar ARTYKOW,**
**žurnalistika hünäriniň**
**2-nji ýyl talyby.**

«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Allanur ÇARYÝEW,
Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(türkmen dili we edebiýaty hem-de žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktorlar: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy),
Toýly BABAÝEW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com